# This document has been provided by the International Center for Not-for-Profit Law (ICNL).

ICNL is the leading source for information on the legal environment for civil society and public participation. Since 1992, ICNL has served as a resource to civil society leaders, government officials, and the donor community in over 90 countries.

Visit ICNL's **Online Library** at http://www.icnl.org/knowledge/library/index.php
for further resources and research from countries all over the world.

Disclaimers

**Content.** The information provided herein is for general informational and educational purposes only. It is not intended and should not be construed to constitute legal advice. The information contained herein may not be applicable in all situations and may not, after the date of its presentation, even reflect the most current authority. Nothing contained herein should be relied or acted upon without the benefit of legal advice based upon the particular facts and circumstances presented, and nothing herein should be construed otherwise.

**Translations.** Translations by ICNL of any materials into other languages are intended solely as a convenience. Translation accuracy is not guaranteed nor implied. If any questions arise related to the accuracy of a translation, please refer to the original language official version of the document. Any discrepancies or differences created in the translation are not binding and have no legal effect for compliance or enforcement purposes.

**Warranty and Limitation of Liability.** Although ICNL uses reasonable efforts to include accurate and up-to-date information herein, ICNL makes no warranties or representations of any kind as to its accuracy, currency or completeness. You agree that access to and use of this document and the content thereof is at your own risk. ICNL disclaims all warranties of any kind, express or implied. Neither ICNL nor any party involved in creating, producing or delivering this document shall be liable for any damages whatsoever arising out of access to, use of or inability to use this document, or any errors or omissions in the content thereof.

# Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary

**14 Türkmenbaşy 2004 ý. № 6547 Aşgabat ş.**

**Jemgyýetçilik birleşiklerini hasaba almak hakynda**

(Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2004 ý., № 1, 31-madda)

«Jemgyýetçilik birleşikleri hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda **karar edýärin:**

1. Jemgyýetçilik birleşiklerini hasaba almagyň kadalaryny tassyklamaly (goşulýar).

2. Jemgyýetçilik birleşikleriniň hasaba alnandygy üçin alynýan hasaba alyş ýygymlaryny:

ýerli jemgyýetçilik birleşikleriniň hasaba alynmagy üçin - binýatlyk möçberiň alty essesi;

umumymilli jemgyýetçilik birleşikleriniň hasaba alynmagy üçin -binýatlyk möçberiň on essesi;

halkara jemgyýetçilik birleşikleriniň hasaba alynmagy üçin -binýatlyk möçberiň kyrk essesi (şol sanda ýüzden 50 bölegi daşary ýurt pulunda) möçberde bellemeli.

Maýyplaryň, weteranlaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň, ýaşlaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň hasaba alnandygy üçin ýygymyň görkezilen möçberleri 50 göterim azaldylýar.

Çagalar jemgyýetçilik birleşikleri hasaba alyş ýygymyny tölemekden boşadylýar.

Jemgyýetçilik birleşikleriniň tertipnamalaryna olaryň derejesiniň üýtgemegine getirmeýän, soňraky girizilen üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň hasaba alynmagy üçin jemgyýetçilik birleşiginiň hasaba alynmagy boýunça tölenilen ýygymyň ýüzden 20 bölegi möçberde ýygym alynýar.

Öz derejesini üýtgeden jemgyýetçilik birleşikleriniň gaýtadan hasaba alnandygy üçin jemgyýetçilik birleşiginiň hasaba alynmagy boýunça tölenilen ýygymyň ýüzden 50 bölegi möçberde (şol sanda öz işini daşary ýurt döwletiniň çäklerine ýaýradan jemgyýetçilik birleşikleri üçin daşary ýurt pulunda) hasaba alyş ýygymy alynýar.

Öň hasaba alnan jemgyýetçilik birleşikleri gaýtadan hasaba alnanda jemgyýetçilik birleşiginiň hasaba alynmagy üçin tölenilen ýygymyň möçberiniň ýüzden 50 bölegi alynýar.

3. Hasaba alnandygy hakyndaky şahadatnamanyň, jemgyýetçilik birleşiginiň tertipnamasynyň öwezlikleriniň berlendigi üçin jemgyýetçilik birleşiginiň hasaba alynmagy boýunça tölenilen ýygymyň möçberiniň ýüzden 20 bolegi alynýar.

4. Alynýan hasaba alyş ýygymlary bellenilen tertipde Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň girdejisine geçirilýär.

5. Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrligi Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň buýurmasy boýunça jemgyýetçilik birleşikleriniň hasaba alynmagy hakyndaky şahadatnamalaryň ülňülerini ýasamak üçin maliýe serişdelerini bermeli.

6. «Jemgyýetçilik birleşiklerini hasaba almagyň meseleleri» hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň Nowruz aýynyň 3-inde çykaran № 632 kararyny (Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütlerinin ýygyndysy, 1992-nji ýyl, № 3, 210-njy madda) güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat Türkmenbaşy**

**Türkmenistanyň Prezidentiniň**
**2004-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 14-nde**
**çykaran № 6547 karary bilen**
**tassyklanyldy**

**Jemgyýetçilik birleşiklerini hasaba almagyň**
**KADALARY**

(Türkmenistanyň Prezidentiniň 20.10.2008 ý. çykaran № 10071 karary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

## 1. Umumy düzgünler

1. Şu Kadalar Türkmenistanyň ulanylýan kanunçylygy esasynda jemgyýetçilik birleşiklerini döwlet tarapyndan hasaba almagyň tertibini düzgünleşdirýär.

2. Kanuna laýyklykda jemgyýetçilik birleşiginiň edara görnüşindäki tarap hökmünde hukuk ygtyýarlylygy Türkmenistanyň Adalat ministrliginde döwlet tarapyndan hasaba alnan we özi hakyndaky maglumatlar Edara görnüşindäki taraplaryň ýeke-täk döwlet sanawyna girizilen pursatyndan başlap ýüze çykýar.

3. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan görnüşlerine garamazdan, jemgyýetçilik birleşikleri, şeýle hem daşary ýurt jemgyýetçilik birleşikleriniň Türkmenistanyň çäklerinde döredilen bölümleri we wekilçilikleri hasaba alynýar.

4. Jemgyýetçilik birleşiginiň hasaba alynmagy üçin şu resmi namalar berilýär:

arza;

jemgyýetçilik birleşiginiň iki nusgadaky tertipnamasy;

dörediş gurultaýynyň (konferensiýasynyň) ýa-da umumy ýygnagyň jemgyýetçilik birleşiginiň döredilmegi, onuň tertipnamasynyň tassyklanylmagy we ýolbaşçy hem-de gözegçilik-derňew edarasynyň düzülmegi hakyndaky maglumatlardan ybarat bolan teswirnamasy;

döredijiler hakyndaky maglumatlar;

hasaba alyş ýygymynyň tölenilendigi hakyndaky resmi nama;

jemgyýetçilik birleşigine hukuk salgysynyň berlendigi hakyndaky resmi nama.

Halkara jemgyýetçilik birleşiginiň hasaba alynmagy üçin sanalyp geçilen resmi namalardan başga-da, Türkmenistanyň çäklerinden daşarda düzüm birlikleriniň - guramalarynyň, bölümleriniň, wekilçilikleriniň bardygyny tassyklaýan resmi nama zerurdyr.

Daşary ýurt jemgyýetçilik birleşikleriniň düzüm birlikleri Türkmenistanyň çäklerinde hasaba alnan mahaly daşary ýurt döwletiniň çäklerinde döredilen esasy jemgyýetçilik birleşiginiň dörediş resmi namalarynyň bellenilen tertipde kepillendiriş taýdan güwä geçilen nusgalarynyň hem hödürlenmegi zerurdyr.

5. Jemgyýetçilik birleşiginiň hasaba alynmagy hakyndaky arza, şeýle hem jemgyýetçilik birleşiginiň tertipnamasyna girizilen üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň hasaba alynmagy hakyndaky arza jemgyýetçilik birleşigini döredijileriň we onuň ýolbaşçy edarasynyň agzalarynyň her biriniň familiýasynyň, adynyň, atasynyň adynyň, doglan ýylynyň we ýaşaýan ýeriniň görkezilmegi bilen, olaryň ählisi tarapyndan gol çekilýär.

6. Dörediş gurultaýynyň (konferensiýasynyň) ýa-da umumy ýygnagyň jemgyýetçilik birleşiginiň döredilmegi, onuň tertipnamasynyň tassyklanylmagy we ýolbaşçy hem-de gözegçilik-derňew edarasynyň düzülmegi hakyndaky maglumatlardan ybarat bolan teswirnamasy şu maglumatlary: dörediş gurultaýynyň (konferensiýasynyň) ýa-da umumy ýygnagyň geçirilen senesini we ýerini; döredijileriň - dörediş gurultaýyna (konferensiýasyna) ýa-da umumy ýygnaga gatnaşyjylaryň familiýasyny we adynyň we atasynyň adynyň baş harplaryny görkezmek bilen sanawyny; iş edaralarynyň (prezidium, müdiriýet we başgalar) sany we şahsy düzümi hakyndaky maglumatlary; kabul edilen çözgütleriň düýp mazmunyny we şolar boýunça ses bermegiň netijelerini; ýolbaşçy we gözegçilik-derňew edaralarynyň saýlanan agzalary hakyndaky maglumatlary (familiýasyny, adyny, atasynyň adyny); gurultaýyň (konferensiýanyň) ýa-da umumy ýygnagyň teswirnamasynyň düzülmegi üçin jogapkär başlygynyň we kätibiniň familiýasyny hem-de gollaryny beýan etmelidir.

7. Döredijileriň - raýatlaryň familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan ýyly, raýatlygy, hemişelik ýaşaýan ýeriniň salgysy we telefony, pasport maglumatlary (tapgyry we belgisi, berlen senesi hem-

de ýeri, kim tarapyndan berlendigi) jemgyýetçilik birleşigini döwlet tarapyndan hasaba almak üçin talap edilýän olar hakyndaky maglumatlara degişlidir. Görkezilen maglumatlar döredijileriň şahsy goly bilen tassyklanylýar.

Şahsy adamlar bilen bir hatarda döredijileriň düzümine girip biljek edara görnüşindäki taraplar bolup durýan jemgyýetçilik birleşikleri babatda döredijiler hakyndaky maglumatlarda: jemgyýetçilik birleşiginiň guramaçylyk-hukuk görnüşine we işiniň çägine salgylanmagy özünde jemleýän doly resmi ady; hasaba alnandygy hakyndaky şahadatnamanyň belgisini görkezmek bilen, jemgyýetçilik birleşiginiň hasaba alnan senesi; hukuk salgysy görkezilýär.

8. Jemgyýetçilik birleşiginiň, onuň tertipnamasyna soňra girizilen üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň döwlet tarapyndan hasaba alnandygy üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde we möçberlerde hasaba alyş ýygymlary alynýar.

Jemgyýetiçilik birleşigi jemgyýetçilik birleşiginiň hasaba alnandygy üçin hasaba alyş ýygymynyň tölenilendigini tassyklaýan bank resmi namasyny berýär.

9. Jemgyýetçilik birleşigine hukuk salgysynyň berilmegi kärende şertnamasy we onuň ýerleşýän ýerini tassyklaýan beýleki resmi namalar görnüşinde resmileşdirilip bilner.

Raýatyň ýaşaýan ýeri (şahsy eýeçilik hukugynda raýata degişli bolan jaý, öý) boýunça jemgyýetçilik birleşigine hukuk salgysynyň berilmegi jemgyýetçilik birleşigini hasaba almakdan boýun gaçyrylmagyna getirmeýär.

10. Döredіş gurultaýynyň (konferensiýasynyň) ýa-da umumy ýygnagyň teswirnamasy, döredijiler hakyndaky maglumatlar we jemgyýetçilik birleşigine hukuk salgysynyň berilmegi hakyndaky resmi nama iki nusgada berilýär. Şu resmi namalaryň asyl nusgalarynyň birmeňzeşligi bellenilenden soň, olar jemgyýetçilik birleşikleriniň wekillerine resmi namalaryň nusgalaryna gol çekdirilip, gaýtarylyp berilýär.

11. Resmi namalar döredіş gurultaýynyň (konferensiýasynyň) ýa-da umumy ýygnagyň geçirilen gününden başlap, bir aýyň dowamynda döwlet tarapyndan hasaba almaga berilýär.

12. Hasaba alynmagy üçin resmi namalar ýolbaşçy edaranyň agzalary ýa-da wekilleri tarapyndan berilýär ýa bolmasa habardar etmek we içindäkini teswirlemek bilen, poçta göndermesi arkaly Türkmenistanyň Adalat ministrligine iberilýär.

Görkezilen resmi namalary welaýatlarda döredilen jemgyýetçilik birleşikleri degişli welaýat adalat bölüminiň üsti bilen, Aşgabat şäherindäki jemgyýetçilik birleşikleri bolsa, gönüden-göni Türkmenistanyň Adalat ministrligine berýärler.

Resmi namalar döwlet tarapyndan hasaba alynmaga Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň diwanynyň üsti bilen berlen mahaly Ministrligiň hünärmenleri resmi namalaryň bukjasyny düýp mazmuny boýunça baha bermezden, kanunda göz öňünde tutulan tertipde kabul edýärler.

Döredіş resmi namalarynyň Türkmenistanyň Adalat ministrligine gelip gowşan senesi olaryň hasaba alýan edara berlen senesi bolup durýar.

13. Jemgyýetçilik birleşiginiň hasaba alynmagy üçin berilýän resmi namalar we beýleki resmi namalar Türkmenistanyň döwlet dilinde berilýär.

## II. Jemgyýetcilik birleşiginiň resmi namalaryny hasaba almaga taýýarlamak

14. Jemgyýetçilik birleşigini hasaba almak barada çözgüt kabul edilmezden ozal berlen resmi namalar garamak üçin taýýarlanylýar, onuň barşynda tertipnama we beýleki döredіş resmi namalary şu aşakdaky meseleler boýunça seljerilýär:

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raýat bitewi döwlet kanunyna, «Jemgyýetçilik birleşikleri hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna, beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyk gelýändigi;

talap edilýän resmi namalaryň sanawynyň dolulygy we olaryň dogry resmileşdirilendigi;

hasaba alynmaga hödürlenen döredіş resmi namalaryndaky maglumatlaryň dogrudygy;

jemgyýetçilik birleşiginiň adynyň kanunçylygyň talaplaryna laýyk gelýändigi;

jemgyýetçilik birleşikleriniň sanawynda we jemgyýetçilik birleşikleriniň öz işini amala aşyrýan çäklerindäki ýerlerde şol bir at bilen hasaba alnan jemgyýetçilik birleşiginiň ýokdugy.

15. Hasaba alynmaga taýýarlyk görülmeginiň barşynda jemgyýetçilik birleşiginiň arzasy boýunça resmi namalaryň hasabyny ýörediş kitabynda bellik etmek bilen, oňa resmi namalar gaýtarylyp berlip bilner (Türkmenistanyň Adalat ministrliginde galdyrylýan tertipnamanyň we arzanyň bir nusgasyndan başgasy).

16. Döredіş resmi namalarynyň mazmuny boýunça gaýtadan işlenilmegini talap edýän bellikler resmi tertipde Tükmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan jemgyýetçilik birleşiginiň ýolbaşçy edarasynyň dykgatyna ýetirilýär.

Hasaba alýan edaranyň işgärleri tarapyndan jemgyýetçilik birleşikleriniň özleriniň garamagynda bolan döredіş resmi namalarynyň rejelenmegine ýol berilmeýär.

17. Jemgyýetçilik birleşiginiň tertipnamasyna laýyklykda şol jemgyýetçilik birleşigine döwlet häkimiýet edaralarynda ygtyýar berlen jemgyýetçilik birleşiginiň ýolbaşçylary ynanç haty bolmazdan, beýleki adamlar bolsa öz tertipnamasyna laýyklykda muňa ygtyýarly edilen ýolbaşçy edara ýa-da jemgyýetçilik birleşiginiň hukuk taýdan ygtyýarly wezipeli adamy tarapyndan berlen ynanç haty boýunça hasaba almak meselelerinde jemgyýetçilik birleşiginiň bähbitlerine wekilçilik edýärler.

### III. Jemgyýetçilik birleşiginiň hasaba alynmagy hakyndaky arza boýunça çözgüt

18. Türkmenistanyň Adalat ministrligi jemgyýetçilik birleşiginiň hasaba alynmagy hakyndaky arza bir aý möhletde garamaga borçludyr.

Arza garamagyň netijeleri boýunça aşakdaky çözgütleriň biri kabul edilýär:

jemgyýetçilik birleşigini hasaba almaly we onuň hasaba alnandygy hakyndaky şahadatnamany bermeli;

boýun gaçyrylmagynyň ýazmaça delillerini bermek bilen, jemgyýetçilik birleşigini hasaba almakdan boýun gaçyrmaly, bu barada bolsa kazyýete şikaýat edilip bilner.

19. Hasaba almak hakyndaky çözgüdiň esasynda jemgyýetçilik birleşigine ony jemgyýetçilik birleşikleriniň sanawyna girizmek bilen, hasaba alyş belgisi berilýär.

20. Hasaba alnan jemgyýetçilik birleşigine hasaba alnandygy hakynda bellenilen nusgadaky şahadatnama we tertipnamanyň bir nusgasy tikilen görnüşde, Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan güwä geçilip berilýär.

21. Jemgyýetçilik birleşiginiň tertipnamasynyň iki nusgasy tikilýär we oňa soňky sahypasynyň arka ýüzünde hasaba alynmagy üçin jogapkär wezipeli adamyň goly we Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň tugraly möhri bilen güwä geçilýär.

Jemgyýetçilik birleşiginiň tertipnamasynyň ikinji nusgasy we jemgyýetçilik birleşiginiň hasaba alnandygy hakyndaky şahadatnamanyň nusgasy Türkmenistanyň Adalat ministrliginde saklanylýan hasaba alyş işine tikilýär.

22. Ulanylýan kanunçylykda göz öňünde tutulan halatlarda we tertipde jemgyýetçilik birleşigini hasaba almakdan boýun gaçyrylyp bilner.

Jemgyýetçilik birleşiginiň döredilmegi maksada laýyk däl diýlen delil boýunça hasaba almakdan boýun gaçyrylmagyna ýol berilmeýär.

23. Jemgyýetçilik birleşigini hasaba almakdan boýun gaçyrylan halatda arza berijilere bozulmagy şu jemgyýetçilik birleşigini hasaba almakdan boýun gaçyrylmagyna getiren Türkmenistanyň kanunçylygynyň düzgünlerini görkezmek bilen, bu barada ýazmaça görnüşde 10 gün möhletde habar berilýär.

Ýazmaça arzanyň esasynda hasaba alynmaga berlen resmi namalar, jemgyýetçilik birleşigine gaýtarylyp berilýär. Hasaba almakdan boýun gaçyrylan pursatda işde bar bolan ähli resmi namalaryň nusgalary Türkmenistanyň Adalat ministrliginde galýar.

24. Jemgyýetçilik birleşigini hasaba almakdan boýun gaçyrylmagy hasaba almakdan boýun gaçyrylmagyna getiren esaslar düzedilen şertlerinde hasaba alynmagy üçin resmi namalaryň gaýtadan berilmegine päsgelçilik bolup durmaýar.

Türkmenistanyň Adalat ministrligine gaýtadan ýüz tutulmagyna garamak we şol ýüztutma boýunça çözgüt çykarmak Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde amala aşyrylýar.

25. Jemgyýetçilik birleşigini hasaba almakdan boýun gaçyrylmagy barada kazyýete şikaýat edilip bilner.

26. Jemgyýetçilik birleşikleriniň tertipnamasyna girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar jemgyýetçilik birleşikleriniň hasaba alnyşy ýaly tertipde we möhletlerde hasaba alynmaga degişlidir.

27. Jemgyýetçilik birleşikleriniň tertipnamalaryna girizilen üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň hasaba alynmagy olaryň guramaçylyk-hukuk görnüşiniň, adynyň, ýolbaşçy edarasynyň ýerleşýän ýeriniň, işiniň ýaýraýan çäginiň, maksatlarynyň we sanawda beýan edilýän beýleki düýpli alamatlarynyň üýtgemegine getirse, şeýle halatlarda jemgyýetçilik birleşikleriniň hasaba alnandygy hakyndaky şahadatnamasy çalşylýar. Hasaba alnandygy hakynda öň berlen şahadatnama, şeýle hem öň hasaba alnan tertipnama Türkmenistanyň Adalat ministrligine tabşyrylmaga degişlidir.

## IV. Jemgyýetçilik birleşikleriniň hasaba alynmagyny ýatyrmak

28. Jemgyýetçilik birleşikleri tertipnamada göz öňünde tutulan halatlarda gurultaýyň (konferensiýanyň) ýa-da umumy ýygnagyň çözgüdi boýunça ýa-da kazyýetiň çözgüdi boýunça, şeýle hem Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan hasaba alynmagy ýatyrylan halatda ýapylýar we öz işini bes edýär.

Eger jemgyýetçilik birleşigi, esasan, telekeçilik işine geçen bolsa ýa-da tertipnamada göz öňünde tutulan maksatlaryny amala aşyrmak mümkin bolmadyk ýagdaýda onuň hasaba alynmagyny Türkmenistanyň Adalat ministrligi ýatyrýar.

Jemgyýetçilik birleşiginiň ýatyrylmagy hakyndaky arza kanunda göz öňünde tutulan halatlarda Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan kazyýete berlip bilner.

Jemgyýetçilik birleşiginiň ýapylmagy hakyndaky kazyýetiň çözgüdi ýerine ýetirilýän mahaly Türkmenistanyň Adalat ministrligi jemgyýetçilik birleşiginiň hasaba alynmagyny ýatyrmak we jemgyýetçilik birleşigini sanawdan çykarmak hakynda buýruk çykarýar.

29. Jemgyýetçilik birleşiginiň hasaba alnandygy hakyndaky şahadatnama we jemgyýetçilik birleşiginiň hasaba alnan tertipnamasy yzyna alynmaga degişlidir we Türkmenistanyň Adalat ministrliginde saklanylýan hasaba alyş işiniň maglumatlaryna goşulýar.

30. Jemgyýetçilik birleşiginiň hasaba alynmagyny ýatyrmak we ony sanawdan çykarmak baradaky çözgüt jemgyýetçilik birleşiginiň ýolbaşçy edarasyna, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Daşary ýurt maýa goýumlary baradaky döwlet gullugynyň edaralaryna, döwlet salgyt gullugyna, «Türkmenmillihasabat» institutyna, bank edaralaryna iberilýär.

## V. Resmi namalaryň öwezlikleriniň berilmegi hakyndaky arzalara garamak

31. Jemgyýetçilik birleşiginiň hasaba alnandygy hakyndaky şahadatnamanyň ýa-da jemgyýetçilik birleşiginiň tertipnamasynyň asyl nusgalary ýitirilen halatda Türkmenistanyň Adalat ministrligi olaryň öwezligini berýär.

32. Jemgyýetçilik birleşiginiň hasaba alnandygy hakyndaky şahadatnamanyň we (ýa-da) jemgyýetçilik birleşiginiň tertipnamasynyň öwezlikleriniň berilmegi üçin Türkmenistanyň Adalat ministrligine şu Kadalaryň 12-nji bölüminiň ikinji bendinde göz öňünde tutulan tertipde aşakdaky resmi namalar berilýär:

jemgyýetçilik birleşiginiň ýolbaşçysy tarapyndan gol çekilen arza;

resmi namalaryň asyl nusgalarynyň ýitirilen halaty boýunça jemgyýetçilik birleşiginiň ýolbaşçy edarasynyň çözgüdi;

görkezilen resmi namalaryň asyl nusgalarynyň ýitirilendigini tassyklaýan resmi namalary, güwänamalary, delilhatlary.

33. Jemgyýetçilik birleşiginiň hasaba alynmagy hakyndaky şahadatnamanyň we tertipnamasynyň öwezlikleriniň berilmegi baradaky arza Türkmenistanyň Adalat ministrliginde bir aý möhletde garalýar.

Hasaba alyş resmi namalarynyň öwezlikleri resmileşdirilen mahaly olaryň ýüz tarapyna «Öwezlik» diýlip bellik edilýär. Resmi namanyň berlen öwezliginiň nusgasy, şeýle hem ony bermek üçin esas bolup hyzmat eden resmi namalar hasaba alyş işine goşulýar.

## VI. Hasaba alnandygy hakyndaky resmi namalary resmileşdirmek we saklamak

34. Jemgyýetçilik birleşikleriniň hasaba alynmagy hakyndaky resmi namalar aýratyn hasaba alyş işlerinde jemlenilýär, şolarda bolsa hasaba alynmagy üçin berilýän we şu Kadalaryň 4-nji bölüminde sanalyp geçilen ähli resmi namalar, şeýle hem jemgyýetçilik birleşiginiň hasaba alnandygy hakyndaky şahadatnamanyň nusgasy bolmalydyr.

Hasaba alyş işlerine onuň tertipnamalaýyn işiniň barlagy hakyndaky delilhatlar, jemgyýetçilik birleşigi bilen soňra alşylan ähli hatlar, jemgyýetçilik birleşiginiň işiniň dowam etmegi hakyndaky her ýyllyk hasabat maglumatlary we başgalar goşulýar.

Hasaba alyş işiniň sahypalary sanlar bilen belgilenýär, işe berkidilýär we bukjada tikilýär, onuň iç ýüzünde ondaky resmi namalaryň ady we sany ýazylýar.